Topragyň fiziki häsiýetleri –Meýdan çäresi P05

# TOPRAGYŇ DYKYZLANMAGY WE AERASIÝASY: TEGMILLER

*Maglumat posterleri n. 4, 7a, 8a, 8b*

## DERWAÝYSLYGY

Toprakdaky tegmilleriň sany we reňki topragyň çalykdyrylyşynyň we aerasiýasynyň gowy görkezijisi bolup durýar1. Şeýle hem olar topragyň gurluşynyň onuň dykyzlanmagynyň netijesinde ýaramazlaşandygy hakynda irki duýduryş bolup durýar. Tegmiller mämişi we gök reňkiň dürli öwüşginleri görnüşinde ýüze çykýarlar. Topraklarda kislorodyň düzüminiň azalyşyna görä, mämişi, iň ýaramaz halatynda bolsa, gök tegmiller agdyklyk edýärler. Gök tegmilleriň köp bolmagy topragyň ýaramaz çalykdyrylýandygyny we ýylyň ep-esli böleginde ýaramaz aerirlenendigini görkezýär. Mämişi tegmiller agdyklyk edýän topraklar kadaly gowy çalykdyrylýandygyna, tegmilleriň ýoklugy bolsa – topragyň çalykdyrylyşynyň gowy şertleri barada şaýatlyk edýär.

## MATERIALLAR



Pil



Susguç

## PROSEDURA

1) Ölçegi 40 x 40 x 40 sm (70 x 70 x 70 sm; agaçly ekinler bolan halatynda) bolan, mümkin boldugyça, pili ulanyp, çukur gazmaly



© D. Ochoa

2) Susgujyň kömegi bilen, çukuryň bir tarapyndan topragyň nusgalygyny (takmynan, 20 × 20 × 20 sm) almaly

3) Toprakdaky tegmilleriň reňkini, ölçegini we göterim gatnaşygyny barlamaly. Tegmiller iri ýa-da tegmiljikler görnüşinde bolup bilerler we esasy toprak massasyndan reňki boýunça tapawutlanmalydyrlar. Adatça, mämişi, gyzyl, mawy ýa-da gök tegmilleri gözlemek gerek.



© FAO 2020

| | |
|---|---|
| USULYŇ ARTYKMAÇLYKLARY | Onuň esasynda görüş bilen baha bermek durýar we hiç hili ýörite gurallar talap edilmeýär |
| USULYŇ KEMÇILIKLERI | Topraga syn etmek bilimleriň kesgitli derejesini talap edip biler. Tegmilleriň reňki subýektiw bolup biler |
| SERETMÄGE DEGIŞLI SORAGLAR | Toprakda tegmilleri görmek bolýarmy? Agdyklyk edýän tegmilleriň reňki we ölçegi nähili? Eger dürli reňkli tegmiller duş gelýän bolsa, onda olaryň göterim gatnaşygy nähili? Topragyň dykyzlanmagynyň haýsydyr bir alamatlaryna syn edilýärmi? Ýaramaz çalykdyrylandygy we aerasiýasy bilen häsiýetlendirilýän topraklary näme arkaly gowulandyrmak bolar? |

| SELJERMÄNIŇ MYSALLARY | | |
|---|---|---|
| PES | ORTA | OŇAT |
| Toprakda 50%-den köp ýeri eýeleýän ortaça we iri mämişi we aýratyn hem, gök tegmillere syn etmek bolýar. | Toprakda topragyň nusgalygynyň 10-dan 25%-ine çenlisini eýeleýän ownuk we ortaça mämişi we gök tegmillere syn etmek bolýar. | Toprakda tegmiller ýok diýen ýaly. |
|  © FAO 2020 |  © FAO 2020 |  © FAO 2020 |

1 https://www.fao.org/3/ca2796en/ca2796en.pdf